# Yragy kim dolandyrýar: Taýpalarmy ýa kanunlar?

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Yragy kim dolandyrýar: Taýpalarmy ýa kanunlar? YRAGY KIM DOLANDYRÝAR: TAÝPALARMY ÝA KANUNLAR?



*Oňşuksyzlyklary gutarnykly karara baglaýan, syýasatda partiýa guramasyna meňzeş rol oýnaýar we ýaraglaryň ýoklugy yzygiderli howp abandyrýar.*
*Yrakdaky tire-taýpa düzgüni oňşuksyzlyklardyr çaknyşyklary çözýär we sosial-syýasy täsire eýe / Fotosurat: AFP*

Yrakdaky tire-taýpalar Mesopotamiýa jemgyýetiniň möhüm bölegini we ýurduň raýatlarynyň arasynda uly baglanyşyk döredýär.

Jemgyýetçilik gymmatynyň ýany bilen durmuşyň dürli ugurlaryndaky «düşünişmezlikleriň çözgüdi, syýasatçylaryň goldanmagy, saýlaw maksatnamalarynyň goldanmagy we ş.m.» roly

bilenem aradan geçen ýyllarda uly we tapawutly rol oýnady. Emma hukuk we döwlet bilen gatnaşygy welin ençeme ýyl bäri sorag astyna alnyp gelindi.

- **Taýpa näme?**

Taýpa – sany ýüzlerçe, käwagtam müñlerçe adama ýetýän we baştutanlygyny «taýpanyñ şeýhi» ýa-da «baş şeýh» ady berlen adamyñ dolandyrýan jemgyýetidir.
Şeýhiñ beýleki taýpalaryñ ýany bilen syýasatçylaryñ, howpsuzlyk işgärleriniñ we beýlekileriñ üstünde düýpli ygtyýarlygy we täsiri bar.
Taýpanyñ agzalarynyñ özara meseleleriniñ, aýratynam «taýpa diskriminasiýasy» arkaly çaknyşma we bilkastlaýyn öldürme sepgidine gelip ýeten problemalaryñ çözgüdinde uly roly bar.
Özem umumy hakyndan öñ ylalaşyga gelme ýoly bilen el çekmek makssdy bilen günäkäriñ we jebir çekeniñ taýpalaryny aýyl-saýyl etmek üçin dürli taýpalaryñ şeýhleri bir ýete üýşýär.
Taýpalaryñ şol bir wagtyñ özünde ynsanperwer kömek we jemgyýetçilik haýyr-sahawat işlerinde-de oýnaýan rollary bar.
Taýpalaryñ syýasy ugurdaky rollary we täsirleri soñky döwürde beter güýçlendi.
Olar indi konferensiýalary geçirip, taýpa agzalaryny parlamente girizmek ýolunda sosial-syýasy maksatlar üçin taýpa agzasyna ses bermäge çagyrýar.
Hatda käbir syýasatçylar programmalaryny agitirlemek üçin taýpalara ýüz tutýar we olaryñ özüni parlamente girizme rollaryna bil baglaýarlar.

- **Ýolbaşçynyñ roly**

Şunuñ bilen baglanyşyklykda taýpa kethudalarynsan Şeýh Zeýdan Anid er-Rabii «Şübhesiz, Yrakda taýpanyñ örän uly we möhüm ygtyýarlygy bar. Bu agalyk düýn-şu gün emele gelen zat däl, örän gadymy döwürlerde döräpdir. Çünki yrak jemgyýetiniñ aglabasy bütin taýpalaryñ boýun egýän, «Sanaýn» ady berilen ýörite kanunlara eýe taýpalar toplumydyr. Şol sebäpden yrakly döwlet ýolbaşçylary her dürli sosial-syýasy meseläniñ

çözgüdinde we hatda haýsydyr bir ýolbaşça garşy edilen çykyşlaryñ aradan aýrylmagynda taýpa şeýhlerine ynanýar» diýdi.
Rabii «Kanun döwlet agalygyna wekilçilik edýär. Emma taýpalar oñuşmazlyklaryny ýa-da problemalaryny çözmek üçin köplenç hukuk goraýjy edaralara ýüz tutmaýarlar. Hasam beteri çözgüt «el-Atwa» ady berilen ýörişe girişi yzarlaýan «taýpa bölünişigi» usuly bilen amala aşyrylýar. Bu usul hüjüm ediji taýpanyñ hüjüme uçran taýpa garşy eden etmişini boýun almagy we hüjüme uçran taýpanyñ talap edýän zadyny berjekdigini añladýar. Bu hüjüm ýeke-täj adamy, ha ol öýi bolsun, ha taýpany nyşana alsyn, çekişmeleriñ, meseleleriñ we çaknyşyklaryñ basyp ýatyrylmagynda möhüm rola eýedir. Has soñra taýpa şeýhleriniñ we kethudalarynyñ meselä laýyk çözgütleri tapmagyna ýardam edýärler» diýýär.
Şeýh Zeýdan Anid er-Rabii «Çaknyşyklaryñ çözgüdinde taýpalara we taýpa kethudalaryna ýüzlenilmeginiñ esasy sebäbi bu çözgüdiñ çalt hem netijeli bolmagydyr. Ýogsam bolmasa, jebir çeken suda ýa-da beýleki hukuk goraýjy edaralaryna ýüz tutsa, arzasyna seredilmegi we hak-hukuklaryny dikeltmegi üçin birnäçe ýyllap garaşmaly bolýar. Köplenç ýagdaýda bu taýpa bölünişigi ýoly bilen amala aşyrylýar. Çünki howpsuzlyk we hukuk goraýjy edaralary muña ýygy-ýygydan bil baglaýar. Sebäbi taýpalaryñ ylalaşygy jezany hökman aýyplanýandan goraýar» diýýär.
Anid er-Rabii «Käbir möhüm wakalarda aýyplanýana iki hököm kabul edilýär: Birinjisi taýpanyñ jebir çekeniñ maşgalasyna hun tölegini ýa-da belli bir derejede öweztölegini tölemegi bilen baglanyşykly. Ikinjisi bolsa aýyplanýana farşy alnyp barylýan hukuk proseduralary. Çünki birinjä laýyklykda aýyplanýanyñ maşgalasy we ýakynlaryna, hüjüme uçran adamyñ maşgalasyndan özlerine haýsydyr bir hüjüm (ar alma) guralmajagyna taýpalaýyn ynam bar. Sebäbi ar alşyklar has köp gan dökülmegine sebäp bolýar» diýdi.
Eýsem-de bolsa, käbir ygtyýarlylar we jemgyýet saýlaw propogandasyny geçirmek we meseleleri çözmek üçin näme sebäpden taýpalara bil baglaýar?

Muña jogap hökmünde Rabii «Taýpa hasam beter partiýa guramasyna meňzeş ýagdaýda jebis we agzybir bolýar. Oňa bil baglanylanda saýlawlarsa kandidatlar ücin oňyn netijeler berýär. Sebäbi taýpa agzalary, kethudasy (şeýh) tarapyndan haýsydyr bir kandidaty ýa-da blogy saýlamaklary üçin ugrukdyryp bolýar. Şol sebäpden saýlawlarda garaşylan netijäni gazanmak üçin oňa bil baglasa bolýar. Emma indi taýpa agzalarynyň birnäçe partiýa agza bolandyklary sebäpli, meseläni çözmäge taýpa şeýhiniň güýji ýetmeýär. Çünki partiýa agzalygy taýpa agzalygyndan ýokarda tutulýar. Munuň delili bolsa, köp agzaly taýpalara agza käbir kandidatlaryň saýlaw bäsleşiklerinde üstünlik gazanyp bilmeýänligidir» diýýär.
Yrak taýpalaryndan biriniň şeýhi bolan Şeýh Muhammet el-Kureýşi taýpanyň ähmiýetine we roluna ünsi çekmek bilen birlikde, munuň hukuk kanunlaryna deň bolup bilmejekdigini, has dogrusy munuň diňe jemgyýet agzalarynyň garşylaşýan päsgelçiliklerini aşmagy we jemgyýetçilik güýje eýedigini aýdýar.
Kureýşi «Birnäçe meseleler we wakalar taýpalar tarapyndan kanunlara ýüzlenmezden çözülýär» diýdi.

**• Döwlet güýjünin we hukuk kadalarynyň ýaramaz bähbitler üçin ulanylmagy**

Eýsem taýpalar kanunyň ýerini tutup bilermi?
Hukuk barlagçysy Faýsal Rikan hakyky yrak taýpalarynyň elmydama döwleti goldap gelendigini we kanunlaryň ýerine ýetirilmeginde täsirli mehanizm bolup hyzmat edendigini aýdýar.
Emma soňky döwürde emele gelen howply üýtgeşmelerden we taýpa düzgünleri boýunça ýöreýändirin öýdýän tertipsiz adamlaryň orta çykmagyndan endişe duýýandygyny aýdýan Rikan «Netijede birnäçe taýpa agzasynyň sandan çykmagyna getiripdir we hukuk kanunlaryny kämilleşdirmäge, goramaga we tarapyny tutmaga ýardam etmegiň ýerine oňa artykmaç ýük bolupdyr» diýdi.
Ol «Bidüzgünçilikler belli bir adama ýa-da belli bir tarapa degişli däl. Diňe bir bir taýpa tarapyndan edilen

bidüzgünçilik ýykgynçylyga getirip we hemmelerde ýarag ýoklugyny göz öňüne tutanyňda durnuklylygyň ýagdaýyna we hukuk kanunlarynyň işleýişine ýaramaz täsirini ýetirip bilýär» diýip sözüniň üstüni ýetirdi.

- **Pragmatizm**

Şeýle-de syýasy barlagçy Nebil Jabbar et-Tamimi Yrakdaly tire-taýpa sistemasynyň birnäçe öwrülişik sepgidinden geçendigini aýtdy.
Tamimi «Taýpalar we şeýhlikler ýigriminji ýyllardan ellinji ýyllaryň ahyryna çenli oba ýerlerinde ýaşaýan gatlaklary kada-kanunlar arkaly guralan kanuny we dolandyryş organy bolup dolandyrdylar. Soňra taýpanyň häkimiýet esaslaryny ýok eden, puly we häkimiýeti onuň elinden alan respublikan režim geldi. Munuň netijesinde muny ulanmagyna we soňky tapgyrlarynda täze şeýhleri belländigine garamazdan taýpalara we olaryň güýjüne ynanmaýan BAAS režimi orta çykdy» diýdi.
Barlagçy Tamimi «2003-nji ýyldan soň mezhebara oňşuksyzlyklar we çaknyşyklar oba ýerlerindäki taýpa gatnaşyklary bilen birlikde birgiden jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kül-owram etdi. Bolup geçýän wakalar, howpsuzlygyň we kanunlaryň güýjüniň ýoklugy adamlary tire-taýpaçylyga we onuň güýjüni berkitmäge iterdi. Bir taýpanyň güýç merkezleriniň bölek-büçekligine garamazdan, emma faktorlaýyn, jemgyýetçilik we ýörite problemalaryň çözgüdinde hukuka alternatiw hökmünde taýpalar tarapyndan dolandyrylmaga başlan şäherlere çenli aralaşmaga başlady» diýýär.
Taýpalaryň amatly mümkinçilikleri edinen we olara maýa goýumlaryny goýan yrakly syýasatçynyň pragmatizmden (bähbitçillikden) halas bolup bilmändigini aýdýan Tamimi «Uzak ýyllardan bäri syýasatçy özüni mezhepçiligiň we etnosyň wekili hem-de goragçysy hökmünde görkezmek üçin mezhepçilik oýnady, tä ol taýpaçylyk maksatlaryna ýetmek üçin ulanmaga synanyşan täze emel tapýança» diýdi.

- **Güýç bozulmalary**

Taýpalaryñ käbir wekilleri aýratynam saýlaw propogandasy wagtynda syýasatçylaryñ garpyşýan ýerine öwrülendigi üçin indi syýasy güýçde möhüm rol oýnaýarlar.
Korrupsiýa garşy göreş boýunça hünärmen Said Ýasin beren beýanatynda «Açyk-aýdyñ görlüşi ýaly, käbir taýpalarda indi syýasy we hatda ýaragly güýç bar. Köplenç ýagdaýda maýa goýum taslamalaryna täsirini ýetirmek we şantaž etmek üçin sosial täsiri ulananýan bolsa, käbirleri-de bikanun narkotiki serişdeleri satmak bilen meşgullanýanlary goramaga we çig nebitiñ bikanun söwdasyna goşuldy» diýdi.
Ýasin «Häzir birnäçe syýasatçy käbir taýpalaryñ işini saýlawlarda köp ses almaga ýardam berýändigi üçin magtaýar. Birnäçesi (ýagny taýpa agzalary) syýasatçynyñ korrupsiýada gümanlanýandygyna garamazdan we pulunyñ köpelişine we ony nädip toplandygyna üns bermezden olara ýönelýär» diýip sözüniñ üstüni ýetirdi.
Said Yasin sözüni «Taýpa şeýhleriniñ korrupsiýa batgasyna batan adamlary ret etmek, olara arka durmazlyk, mejlislerine kabul edilmeginiñ öñüni almak, olar bilen gyz alşyp-berişmekden ýüz öwürmek, korrupsiýada aýyplamak ýaly birnäçe düzgünleri girizmegi juda gereklidir. Nirnäçe yrakly tire-taýpanyñ we kabylanyñ millet derejesinde mertebeli orunlara eýedigi hakdaky hakykaty gözden salamok» diýip jemledi.

- **Negatiw ýagdaý**

Geçen ýyllarda ýaýran ýaramaz hadysalaryñ birem raýatyñ öýüniñ ýa-da ona degişli zadyñ oka tutulmagy, öýüniñ ýa-da bolan ýeriniñ ýazylmagy gabahatlyklary öz içine alýan taýpa çozuşlary boldy.
Bu çozuşyñ çäginde käte raýatyñ doganlaryna «öýüñ taýpalar tarapyndan barlanandygy» ýa-da «hun talaby bilen öýüñ kireýne berlip satyljak däldigi» baradaky habarlar gelip gowuşýar.
Şeýle ýagdaý raýatyñ taýpadan ara açmagyna getirýär. Yrakly ygtyýarlylar muny jenaýat hasaplap, terrorçulykly etmişleriñ hataryna goşýanam bolsa, käbir ýerlerde wagtal-wagtal şeýle ýaramazlyklara şaýat bolunýar. Bu ýagdaý raýatlaryñ janynyñ

saglygyna we emläk howpsuzlygyna howp salýar.
Geçen ýekşenbede Bagdadyň er-Rusafa Kassasion edarasynyň Merkezi Jeza beriş sudy taýpa çozuşyny guramakda aýyplanýan iki günäkäri 15 ýyl azatlykdan mahrum etmek boýunça höküm çykardy.
Ýokary Sudyň Metbugat merkezi beren beýanatynda «Iki günäkär taýpa çozuşyny guramak maksady bilen sebitdäki raýatyň öýüne yaragly we bombaly hüjüm edendiklerini, munun netijesinde hüjüme uçran raýatyň doganyny hem ýaralandyklaryny boýun aldylar» diýdi.
Metbugat merkezi «Olar hakdaky höküm 2005-nji ýylda güýje girizilen 13 belgili Terrorçylyga garşy göreş kanunynyň 4/1 maddasynda görkezilenlere we 2/1 biken 7-nji maddalaryna esaslanyp çykaryldy» diýdi.
Şunuň bilen baglanyşyklylykda hukuk barlagçysy Ali et-Tamimi «Derňew komitetiniň düzgünlerine görä, taýpa çozuşynyň Terrorçylyga garşy göreş kanunynyň 4-nji maddasynda terrorçylykly akt hasaplanýar. Çünki bu kanunyň 2-nji maddasyna görkezilenler adamlaryň psihologiýasynda terror we gorky döredýän şertler üçin ýeterlik» diýdi.

Jabbar ZEÝDAN,
Yrakly žurnalist / @jabarzed

Şenbe, 30.09.2023 ý. Publisistika